# Magtymgulynyň monology

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Magtymgulynyň monology MAGTYMGULYNYÑ MONOLOGY




*«Çoh garaşdym ajap eýýam gelmedi”*
***Magtymguly-Pyragy***
Nirden ýazypdyryn şeýle jümläni,
Kän wagt boldy muňa içim hümläni.

Ol ýazýar: “Arzuwlan zamanaň geldi”,
Bu ýazýar: “Arzuwyň hasyldyr, indi”.
Ýagyş dek “buşluklar” üstüme ýagdy,
Tiken dek her “buşluk” tenime çümdi.

Geň ýeri-de – üýtgesin, üýtgemesin,
Arzuw edenmişim döwrüň hemmesin.

Belki ýazandyryn, bildiňmi muny,
Arzuwlap Meñlime duşuljak güni?!

Kim bilipdir göz öňüne tutdym men,
Nähili durmuşy, haýsy eýýamy?!
Bes edäýiň, özgäň adyndan ýa-da
Uly il adyndan gürläp diýmäni.

Bolmaz, elmydama döwür hemmä deň.
Oňat bordy, öz ojagňy güjeňläp,
“Dokuň açdan habary ýok” etmeseň.

2005 ý. Goşgular